# Ýene adaty gün

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýene adaty gün ÝENE ADATY GÜN

Ýene adaty gün.
(görünenok geň).
Uky üçinem ýumlanok gabagym
Aýtsana, şatlyga ýorupmydyň sen,
Döweniňde «göwün» atly tabagym.

Şatlyk, söýgümizem möwsümlik eken,
Möwsümleýin gülleýşi deý gülleriň
Bagt bagymyz eýýäm ýapragyn döken
Näme boldy?
Ne döw çaldy, dilberim?!

Dogry…
Kän gabandym, ynjytdym.
Göwnüňe-de degipdim men telimler
Sebäp, örän duýguçyldym, ynjykdym.
Söýgi joşup, çykyp durka tenimden.

Indi geçmiş saklap bilmez kejinde,
Ýadadym.
Geljegime garanjak men…
Öňümiz gyş.
Gursakdaky pejimde
Ýatlamalary ýakyp ýylanjak men…

Ylham GURBANALYÝEW.

2022. Goşgular